# Danalaryñ pähimi durlaýan setirleri

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Danalaryñ pähimi durlaýan setirleri DANALARYÑ PÄHIMI DURLAÝAN SETIRLERI



– Men agzybirligiñ bäş sütüni bar hasap edýärin.
Birinji sütün: WEPALYLYK.
Ikinji sütün: SABYRLYLYK.
Üçünji sütün: IŞEÑÑIRLIK.
Dördünji sütün: PESPÄLLIK.
Bäşinji sütün: RUHUBELENTLIK.
* * *

– Ýaşlar her bir aýdylan zada dogry hem dürs düşünmelidir, her bir aýdylan zatdan dogry netije çykarýan bolmalydyr.

* * *

…Ýagşylyga ýaran bol, ýegi tarypla,
Danalara gol ber, ýol ber arypga,
Ýaman kişi betnam bolar taryhda,
Parahatlyk tugun diken utupdyr.

Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.

◆ ◆ ◆

Eý, ýaman iş edip, ýagşydan gaçan,
Soñ Allañ keremne gujagyn açan,
Bagyşlar diýip ynam etme sen oña,
Günäli-günäsiz, deñ däl hiç haçan.

Omar HAÝÝAM.

◆ ◆ ◆

«Mähribanlyk hazynasy kime nesip bolan bolsa, halypalyk hem şol adama degişlidir».

Alyşir NOWAÝY.

◆ ◆ ◆

Bigadra-gadyr, näkese hormat,
Ýakyna hat ýazmak, ýyraga-sargyt.
Abdala-nik puşeş, aşyga-rahat,
Hatarda boş gitmek nere ýaraşmaz.

Gurbandurdy ZELILI.

* * *

…Ýel dek öwser gider ýalançy pany,
Agyrtmagyl ata bilen enäni,
Ýene kylmañ gybat birle zynany,
Ribahoryñ ataş höregi bolar.

Annagylyç MÄTÄJI.

* * *

Bu peşgeş berilen çäklije ömri,
Guwanyp geçiriñ, söýüp geçiriñ.
Kitüwden-kineden belentde boluñ,
Paýhasa-pähime uýup geçiriñ!..

Berdinazar HUDAÝNAZAROW.

* * *

…Hakyda diýmeklik –
Hakykat diýmek,
Dogrumy, ýalñyşmy-hemmesi bolan.
Hawa, inim, diñe hakyda bile
Ýaşalýan Watanyñ geljegi bolar.

Kerim GURBANNEPESOW.

* * *

– Akyl bilen baýlyk kemçilikleriñ üstüni ýapýar, garyplyk bilen nadanlyk onuñ üstüni açýar.
– Günüñ şöhlesini ýapyp bilmersiñ, hakykatyñ yşygyny söndürip bilmersiñ.
– Gorkýan bolsañ aýtma, aýdan bolsañ gorkma.
– Kim köp ant içýän bolsa, ol şonça-da aldaýandyr.
– Maly gulagyndan ýapyşyp tutýarlar, adamy dilinden.
– Özüñden aşakdakylara rehimli bol.
– Öwünjeñ uruşdan soñ batyrdyr.
– Täze dili öwrenmek täze adamy öwrenene barabardyr.
– Her bir işde öz çeniñi bilmek hem baýlykdyr, hem artykmaçlykdyr.
– Her bir daragtyñ öz kölegesi bar, her bir ýurduñ öz däbi.
– Hakykatdan beýik zat ýokdur.
– Ýañra adam soñra köp ökünýändir.
– Ýalan keseldir, hakykat dermandyr.

Atalar sözi.

Toplan: Toýly KERIMI. Sözler